# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

Ukrainanyň 2017-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda kabul edilen 2163-VIII belgili Kanunynda kiberhowpsuzlyk babatynda görkezilenler beýan edilýär. Kiberhowpsuzlyk möhüm bähbitleri goramakdyr, şahsyýet we raýat, jemgyýet we döwlet maglumat jemgyýetiniň we sanly aragatnaşyk gurşawynyň durnukly ösmegini üpjün edýän, kiber giňişliginde Ukrainanyň milli howpsuzlygyna abanýan hakyky we bolup biljek howplary wagtynda ýüze çykarmagy, öňüni almagy we zyýansyzlandyrmagyny üpjün edýän kiber giňişlikden peýdalanýar.

## EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: 2023.
2. Maglumat we ony goramak hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – A., 2014.
3. Kiberhowpsuzlyk hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – A., 2019.
4. *Schjolberg Stein*. A Cyberspace Treaty – A United Nations Convention or Protocol on Cyber-Security and Cybercrime. Twelfth United Nations Congress on Crime Prevention and Criminal Justice. Salvador, Brazil. 12–19 April 2010.

**Aýmyrat Saparow,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty*

# ZÄHMET GATNAŞYKLARYNYŇ HALKARA HUKUGYNYŇ ESASYNDA KADALAŞDYRYLYŞY

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmegiň esasy maksady ýurduň gülläp ösmegi üçin ygtybarly hukuk binýadyny döretmekden ybaratdyr. Häzirki döwürde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy toplanan tejribe we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda kämilleşdirilýär. Zähmet çekmäge bolan hukuk adamyň esasy konstitusion hukuklarynyň biri bolup, ony üpjün etmek döwletiň esasy wezipeleriniň hataryndadyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda: “Her bir adamyň zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine hukugy bardyr. Mejbury zähmet we çaga zähmetiniň ýaramaz görnüşleri gadagandyr. Hakyna durup işleýän adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine we hiline laýyk gelýän hak almaga hukugy bardyr. Bu hakyň möçberi döwlet tarapyndan bellenilen iň pes zähmet hakynyň möçberinden az bolup bilmez” diýip bellenilýär [1, 49-njy madda].

Zähmet çekmäge bolan hukuklaryň umumy siwilizasion ähmiýetini anyklamak adam hukuklarynyň ulgamynda zähmet hukugynyň ornuny kesgitlemekde wajyp tapgyr hasaplanýar. Zähmet adama durmuşyň manysyny,

mertebesini, şeýle hem sosial durmuşyny üpjün etmeklige mümkinçilik berýär. Adam Smit, Karl Marks, Zigmund Freýd we beýleki filosoflaryň aýtmaklaryna görä, zähmet biziň jemgyýetde şahsyýet hökmünde kemala gelmegimize, hukuk ýagdaýymyza, öz-özümize baha bermegimize ýardam edýär. Wladimir Solowýew: “Zähmet hemmeleriň mynasyp ýaşaýşyny üpjün etjek adam bilen maddy dünýäniň özara gatnaşygy hökmünde häsiýetlendirilýär” diýip belleýär.

“Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy” zähmet gatnaşyklaryny döwrebaplaşdyrmak we zähmeti goramak boýunça halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek, onuň esasynda zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmek, döwrebap zähmet bazaryny, iş bilen üpjünçiligiň durmuş kepillendirmeleri ulgamyny emele getirmek baradaky çäreleriň giň toplumyny göz öňünde tutýar.

Zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy halkara-hukuk namalary alamatlary boýunça birnäçe topara bölünýär. Hususan-da, zähmet çygrynda raýatyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramaklygy amala aşyrýan resminamalar, iş bilen üpjün etmek we işsizlikden goramaklyga degişli resminamalar, zähmet şertlerini düzgünleşdirmeklige, tehniki howpsuzlyga hem-de önümçilik sanitariýasyna degişli resminamalar, ýokary hukuk goragyna mätäç adamlaryň aýratyn toparynyň zähmetini düzgünleşdirmäge degişli resminamalar, işgärleriň, iş berijileriň, döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlygyny we zähmet jedellerini parahatçylykly çözmekligi düzgünleşdirýän resminamalar we ş.m.

Halkara hukuk tejribesinde adamyň zähmet çekmäge bolan hukugy ilkinji gezek Adam hukuklary hakynda ählumumy Jarnamada beýan edildi. Halkara hukugynyň imperatiw kadasy hökmünde 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda kabul edilen Raýat we syýasy hukuklar hakynda Halkara ylalaşygynda berkidilendir. Onda: “Döwlet her bir adamyň özüniň erkin seçip alýan we erkin ylalaşýan zähmeti bilen özüniň ýaşamagy üçin gazanmaga mümkinçilik almak hukugyny öz içine alýan zähmet üçin hukugyny ykrar edýär” diýlip bellenilip geçilýär [5].

Sebitleýin ylalaşyklaryň hatarynda zähmet gatnaşyklaryny 1961-nji ýylda Strasburgda kabul edilen Ýewropa durmuş hartiýasy düzgünleşdirýär. Agzalan hartiýanyň 2-nji maddasynda iş hepdesiniň we iş gününiň kadaly dowamlylygyny kesgitlemekligi, tölegli zähmet rugsatlaryny bermekligiň tertibini, zyýanly we (ýa-da) howply zähmet şertlerinde töwekgelçilikleri aýyrmaklyk üçin zerur şertleri, zähmet şertnamasyny baglaşmagy we bes etmegi, gijeki wagtdaky işlerde işleýänlere kepillikleriň bellenilmegini Ýewropa durmuş hartiýasynyň gatnaşyjylaryna borç edip goýýar. Hartiýanyň ýokarda sanalan düzgünleri bilen birlikde zähmetiň amatly, arassaçylyk kadalaryna, zähmet üçin işdäki höweslendirmelere, aýallar we erkekler üçin deň şertlerde deň zähmet haklaryna,

zähmetkeşler toparyna birleşmäge we köpçülikleýin gepleşikleri geçirmeklige bolan hukuklar hem berkidilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda berkidilen hukuklar “Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda has hem giňeldilýär. 2016-njy ýylyň 18-nji iýunynda kabul edilen bu Kanun ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygryndaky döwlet syýasatynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklarynyň berjaý edilmegine, işsizlikden goralmagyna gönükdirilendir hem-de iş bilen üpjünçilik çygrynda döwlet kepilliklerini belleýär [2, 95-nji madda]. Şunuň bilen birlikde, iş beriji tarapyndan zähmeti goramak boýunça borçlaryň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligi giň ýaýrandyr. Durmuş hyzmatdaşlygy tejribesinde zähmet topary bilen iş berijiniň arasynda toparlaýyn şertnama baglaşylýar, ol taraplaryň her biriniň hukuklarynyň we borçlarynyň deňeçerliginiň berjaý edilmegini, şeýle hem howply we agyr şertlerdäki iş üçin öwezini dolmak ulgamlaryny göz öňünde tutýar.

Zähmet kanunçylygynda yglan edilen raýatlaryň zähmete bolan hukuklarynyň kepillendirmeleri bilen birlikde “Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda käriňi, kesp-kär görnüşiňi, iş ýeriňi öz garaýşyň boýunça erkin saýlamak, sagdyn, howpsuz zähmet şertleriniň döredilmegi, kär, iş edinmekde we zähmetiň mukdaryna, hiline laýyk gelýän derejede höweslendirmek, gulluk boýunça ýokary çekilmek babatda her kime deň hukuklaryň, mümkinçilikleriň üpjün edilmeginiň döwlet tarapyndan kepillendirilýändigi bellenýär.

Agzalan meseleler bilen bir hatarda ýurduň ykdysady ösüş zähmet bazarynda amatly ýagdaýy hem-de ilaty iş bilen doly üpjün etmek, mynasyp iş ýerlerini döretmek bilen bilelikde bolup geçmelidir. Şunlukda, 2013-nji ýylyň ahyrynda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan internet saýty döredildi. Ol zähmet bazaryndaky islegi we teklibi laýyk getirmek üçin “Bir penjire” ulgamy bolup durýar we boş iş orunlary baradaky maglumatlary öz içine alýar. Saýt döredilenden bäri, her ýylda bellige alnan ulanyjylaryň 90%-den gowragynyň işe ýerleşmegine kömek etdi.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Halkara zähmet guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Halkara zähmet guramasynyň işiniň esasy maksady, ýagny sosial adalatlylygy höweslendirmek, zähmet boýunça halkara kadalaryň işlenip düzülmegine we olaryň berjaý edilmegine gözegçilik etmek bolup durýar [3, 262 s.]. Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde: “Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kodeksde bellenilen kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar” diýlip bellenmegi, zähmet kanunçylygynda halkara hukugynyň kadalarynyň ileri tutulýandygyny görkezýär [4, 30-njy madda].

Zähmet gatnaşyklary diýlip, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň iş beriji tarapyndan üpjün edilen mahalynda işgäriň şahsy zähmet borçlarynyň tölegli ýerine ýetirilmegine, işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyga (belli bir kär, hünär ýa-da wezipe boýunça işler), kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna işgäriň tabyn bolmagyna esaslanan gatnaşyklara düşünilýär.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde raýatlaryň erkin zähmet çekmeklerine, islegine görä kär we iş ýerini saýlap almaklaryna, öz çeken zähmetiniň möçberine we hiline laýyk hak almaklaryna, şeýle-de iş hepdesiniň çäklendirilen dowamlylygynyň bellenilmegine, her ýylky tölegli zähmet rugsatlaryna, her hepdede dynç günleriniň berilmegine bolan konstitusion hukuklarynyň durmuşa geçirmekleri göz öňünde tutulýar. Raýatlaryň zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmelerini bellemek, zähmetiň amatly şertlerini döretmek, işgärleriň we iş berijileriň hukuklaryny we bähbitlerini goramak Kodeksiň esasy maksatlary bolup durýar.

Halkara zähmet guramasy bilen bilelikde amal edilýän wezipeler gatnaşyjy döwletleriň iş bilen meşgullylyk meselesini çözmek, zähmet hukuklaryny goramak, işgärleriň durmuş şertlerini gowulandyrmak hem-de durmuş üpjünçiligini ösdürmek ugrundaky çäreleri, şeýle hem hünär we işgärleri gaýtadan taýýarlamaklyga ýardam bermegi, önümçilikde zähmet şertlerini gowulandyrmagy, zähmetiň tehniki howpsuzlygyny we arassaçylygyny, daşky gurşawy goramak, gaýtadan dikeltmek boýunça maksatnamalary işläp düzmegi hem-de amala aşyrmagy, işgärleriň, telekeçileriň guramalaryna döwlet bilen bilelikde durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek işlerine ýardam bermegi öz içine alýar.

Zähmet gatnaşyklary babatyndaky esas goýujy ýörelgeler Halkara zähmet guramasynyň çäginde baglaşylan şertnamalarda öz beýanyny tapýar. Munuň aýdyň mysaly bolup, Halkara zähmet guramasynyň 1935-nji ýylda kabul edilen “Zähmet wagtyny hepdelik kyrk sagada çenli azaltmak hakynda”, 1936-njy ýylda kabul edilen “Ýyllyk tölegli zähmet rugsady hakynda”, 1957-nji ýylda kabul edilen “Mejbury zähmeti gadagan etmek hakynda”, 1978-nji ýylda kabul edilen “Zähmet meselelerini düzgünleşdirmek: ähmiýeti, wezipeleri, guramaçylygy” Konwensiýalaryny we Garaşsyz Döwletler Arkalaşygynyň döwletleriniň arasynda 1994-nji ýylda baglaşylan “Zähmet migrasiýasy çygrynda hyzmatdaşlyk etmek we zähmetkeş migrantlaryň durmuş goraglylygy hakynda” Ylalaşygy görkezmek bolar. Häzirki wagtda bu Konwensiýalaryň kadalary ýurdumyzyň zähmet kanunçylygyna ornaşdyrylýar we kadalaşdyryjy hukuk namalary taýýarlananda olardan ugur alynýar. Zähmeti guramagyň hem-de goramagyň hukuk esaslaryny

döretmek we kämilleşdirmek arkaly zähmet kanunçylygyny emele getirmegiň, ösdürmegiň ýolunda amal edilýän işler her bir raýatyň mynasyp, öndürijilikli zähmet çekmegine ýardam edýär. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Prezident maksatnamasynda iş, durmuş üpjünçiligi çygrynda kanunçylygyň kämilleşdirilmegi, ilaty durmuş taýdan goramagyň ulgamyna täze usullaryň girizilmegi göz öňünde tutulýar. Zähmet bilen baglanyşykly ulgamy dolandyrmagyň täze ugurlaryny döretmek, zähmeti goramak, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek ýaly, ulgamlaýyn meseleleriň üstünde işlemek barada hem aýdylýar.

Adamyň esasy hukuklarynyň biri bolan zähmet hukugy agzalan halkara hukuk namalaryndan başga-da 1948-nji ýylda kabul edilen Adam hukuklary hakynda ählumumy Jarnamada we 1966-njy ýylda kabul edilen Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda Halkara ylalaşygynda berkidilendir. Hususan-da, bu resminamalarda her bir adamyň zähmete, işini erkin seçip almaga, adalatly we amatly zähmet şertlerine we işsizlikden goralmaga hukugynyň; haýsydyr bir kemsitmesiz, deň zähmet üçin deň tölege hakynyň we her bir işleýäniň onuň özi we onuň maşgalasy üçin adama mynasyp güzerany üpjün edýän we zerur mahaly durmuş üpjünçiliginiň beýleki serişdeleri bilen üsti ýetirilýän adalatly we kanagatlanarly tölege hukugynyň bardygy berkidilýär. Mundan başga-da Adam hukuklary hakynda ählumumy Jarnamada her bir adamyň öz bähbitlerini goramak üçin kärdeşler arkalaşyklaryny döretmäge we kärdeşler arkalaşyklaryna girmäge hukugynyň bardygy bellenilýär.

Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda Halkara Ylalaşygynyň 7-nji maddasyna laýyklykda, gymmaty deň zähmet üçin adalatly iş hakyny, haýsydyr bir tapawudyň bolmazlygyndan deň tölegi, hususan-da, aýallara deň zähmet üçin deň töleg, şeýle-de zähmet şertleriniň kepillendirilmelidigi, howpsuzlygyň we arassaçylygyň talaplaryna laýyk gelýän iş şertleriniň üpjün edilmelidigi nygtalýar.

2015-nji ýylyň sentýabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletleriniň ählisi tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlary global derejede 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş babatda Gün tertibiniň esasyny düzýär. Durnukly ösüş maksatlarynyň 8-nji maksady Mynasyp işleri üpjün etmek we ykdysady ösüş bolup durýar. Türkmenistan durnukly ösüş babatynda maksatlary we wezipeleri ýurduň milli, pudaklaýyn we sebitleýin ösüş maksatnamalaryna, meýilnamalaryna, şeýle hem maliýe meýilnamalaryna üstünlikli ornaşdyrýar. Netijede, halkara hukugynda düzgünleşdirilmegi iň wajyp meseleleriň biri hökmünde zähmet hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykýandygy aýdyň görünýär. Türkmenistan hem demokratik, hukuk we dünýewi döwlet hökmünde zähmeti goramak babatynda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirýär.

**EDEBIÝAT**

1. Türkmenistanyň Konstitutiýasy. – A.: 2023.
2. Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – A., 2016.
3. *Rahmanow A*. BMG we onuň ulgamy. – A.: TDNG, 2013.
4. Türkmenistanyň Zähmet kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – A., 2009.
5. https://www.un.org/ru/documents/decl_conv/conventions/pactpol.shtml.

**Daýanç Garajaýew,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty*

## HALKARA JENAÝATÇYLYGA GARŞY GÖREŞDE DÖWLETLERIŇ ÖZARA HYZMATDAŞLYGYNYŇ HUKUK ESASLARY

Halkara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri halkara jenaýatlara we halkara häsiýetli jenaýatlara garşy göreşi alyp barmak bolup durýar. Halkara jenaýat halkara jemgyýetiniň möhüm bähbitlerini goramak üçin halkara borçnamasynyň bozulmagy netijesinde ýüze çykan halkara derejesinde bikanun hereket bolup, onuň bozulmagy, umuman, halkara jemgyýetçiligine garşy jenaýat hasaplanýar [1]. Bular harby jenaýatlar, parahatçylyga we adamzada garşy jenaýatlar, genosid, ekosid we başgalardyr. Şeýle jenaýatlara garşy göreş halkara parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy jogapkärçiligi öz üstüne alýan we BMG-niň ähli agzalarynyň adyndan hereket edýän BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň ygtyýarynda bolup durýar. Halkara jenaýatlaryň subýekti, ilkinji nobatda, döwletler, şeýle hem olaryň adyndan hereket edýän we şonuň ýaly jenaýatlary eden şahsyýetleriň özleridir.

Halkara jenaýatlar, ilkinji nobatda, harby jenaýatlary, parahatçylyga we adamzada garşy jenaýatlary, genosidi, agressiýa ýaly jenaýatlaryň görnüşlerini aňladýar. Olaryň kesgitlemeleri 1945-nji ýylyň Halkara harby kazyýetiniň Tertipnamasynda beýan edilendir. Bu Tertipnama laýyklykda, bu jenaýatlar şulary öz içine alýar:

a) parahatçylyga garşy jenaýatlar: meýilleşdirmek, taýýarlamak, başlamak ýa-da halkara şertnamalary ýa-da kepillikleri bozmak ýa-da ýokarda agzalanlaryň haýsydyr birini amala aşyrmak üçin umumy meýilnama ýa-da dildüwşüge gatnaşmak;

b) harby jenaýatlar: söweş hereketlerini alyp barmagyň kadalarynyň bozulmagy. Bu düzgün bozulmalar basyp alan ýerleriň raýat ilatyny öldürmek,